# Ýanýoldaşyňyz size ikilik edýärmi?

Category: Kitapcy,Psihologiýa
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýanýoldaşyňyz size ikilik edýärmi? ÝANÝOLDAŞYŇYZ SIZE IKILIK EDÝÄRMI?




**MESELE DÄL: BURNUNDAN IKLI GAN GETIRIP BILERSIŇIZ…**
*Adamyň başyna gelip biljek iň erbet zatlaryň birem – ýanýoldaşyň aýagyny gyşyk basmasy bolsa gerek. Aýal ýa erkek – tapawudy ýok, ýanýoldaşyňa ikilik etmek – sözüň doly manysynda haramzadalykdyr diýsek, öte geçdigimiz bolmaz. Ýeri, siziň ýanýoldaşyňyz nähilikä, bilesiňiz gelýärmi? Onda, şu aşakdaky testi jogaplaň:*

**1. Ýanýoldaşyňyza gijelerine ogryn-dogryn sms-ler gelýärmi we ol muňa «Aý, işdenlaý, dostum (joram) we ş.m.» diýýärmi?**

✔ Hawa, her gün agşam gelýär.
✔ Kämahal şular ýaly sms gelýär.
✔ Aý, ýok, bular ýaly zat bolanok.

**2. Partnýoryňyzy ýoldan barýarka owadan zenana (ýa gelşikli erkege) seredip durka gördüňizmi?**

✔ Hawa, her günem görýärin.
✔ Seredibersin, hiç zadam bolmaz.
✔ Ýok, görmedim.

**3. Ýanýoldaşyňyzyň zol-zol «Selbilere köýnegini tikdirmäge» ýa-da «Myratlara top oýnamaga» gidýän wagty bolýarmy?**

✔Hawa-la, her hepde şeýle.
✔Olam mahal-mahal tanyş-bilişleriniñ ýanyna gidip, wagtyny hoş geçirmeli ahyry.
✔ Ýo-ýok, meniñ ýeke-tägim hiçem beýdenok.

**4. Size öñ şeýtmedik ýerinden birdenkä her dürli sowgatjyklar, gül desselerini almaga başladymy?**

✔ Hawa, käwagt şeýle bolupdy.
✔ Meñ pikirimçe-hä, munda erbet zat ýok.
✔ Ýok, diñe belli-belli günlerde.

**5). Saçagyñ başynda otyrsyñyz we ýoldaşyñyza jañ geldi…**

✔ «Möhüm bir iş bardy» diýip beýleki otaga geçýär.
✔ Telefona jogap bermän, «men oña soñ özüm aýlaryn» diýip oñýar.
✔Ýanymda alyp, arkaýyn gürleşýär.

**6. Ýanýoldaşyñyz iş saparyna gidende ýanynda owadan sekretarşasyny (ýa-da gelşikli kömekçisini, sürüjisini) alyp barýan bolsa…**

✔Bu onuñ hemişe edýän zady.
✔Oña ýygy-ýygydan jañ edip, gürleşip durýaryn.
✔Bir ýere gidende köplenç meni-de äkidýär.

**7. Partnýoryñyzyñ egin-eşiklerinde saçyñ tary tapylan wagty boldumy, ýa garşydaş jynsa degişli atyryñ ysy ýaly zatlar burnuñyza gelipmidi?**

✔Hawa, köplenç duýýaryn.
✔Köpçülik bilen işleşýär. Bolaýjak zat.
✔Ýok, hiç gabat gelmedim.

**8. Soñky wagtlarda size bolan gyzyklanmasy peseldimi?**

✔ Hawa

✔ Belki-de, biraz ýeke bolasy gelýändir.
✔ Ýok, hemişe şeýle.

**9. Aýdaly, ýanýoldaşyňyz öz dost-ýarlary (joralary) bilen daşary çykdy we siz oňa jaň etdiňiz. Telefonyň aňyrsynda garşydaş jynsyň sesi gelýärmiş…**

✔ Bilmedim-dä, näme etsemkä…
✔ Dessine şo ýere giderin.
✔ Mesele däl. Men oňa ynanýaryn.

**10. Aýdaly, öýe ir geleniňizde, aýalyňyz sizi gaşy çytyk, äriňiz ýüzi açyk garşylaýar…**

✔ Belki-de, erbet niýeti ýokdur.
✔ Şotaýdan derrew gaýdaryn.
✔ Dessine dogry düşündirerine garaşaryn.

**11. Bir haýwany saýlaň**

✔Keýik.
✔Ýyrtyjy delfin.
✔Angut guşy.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Psihologiýa